Ömrüňizde iň bolmanda bir gezek bu ýerlere baryp görmek maslahat berilýär. ÝUNESKO-nyň olary Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmagy düýpli mazmy-mazmuna eýedir. Bular medeniýet we tebigat babatda bütin adamzat derejesinde aýratyn ähmiýete eýedir. Gepiň gysgasy, bu nokatlar öz gözüň bilen görmäge mynasyp hem täsirli ýerler.

1. Maçu Piçu ýadygärligi, Peru



Häzirki Peruda ýerleşýän inkleriň gadymy şäheri. Bu mistiki ýer ýitip giden imperiýanyň iň meşhur ýadygärligidir. Sözüň doly manysynda siz bulutlaryň depesinde, ýagny ýerden 2000 metrden gowrak belentlikde gezersiňiz.

Ýadygärlik 112 ýyl ozal tapylan bolsa-da, taryhçylar we arheologlar ýaşaýjylaryň bu ýeri näme üçin terk edendikleri barada heniz hem belli bir pikire gelip bilmeýärler. Hiç hili sement ulanmazdan, diňe ýylmanan daşlardan bina edilen ajaýyp ybadathanalardan başlap, jaýlara çenli — ähli binalar bu ýere gelýänlerde uly gyzyklanma döredýär. Döwrebap tehnologiýalary ulanmazdan, munuň nädip mümkin bolandygyny hem bilip bolmaz.

Gezelenjiňizi mukaddes meýdançadan başlaň: Şol ýerde iki ybadathana we ruhanylar öýi bar. Soňra Gün ybadathanasyny, patyşa aramgähi we daglar bilen gurşalan ajaýyp agşam şapagynyň peýzažyny synlap bilersiňiz.

Все права защищены

save pdf date >>> 04.12.2024

2. Beýik Hytaý diwary, Hytaý



Uzak ýyllaryň dowamynda her ýyl müňlerçe syýahatçynyň gelýän dünýädäki iň meşhur binalaryň biri. Uzynlygy — 20000 km-den gowrakdyr Diwar diňe bir ýurdy basybalyjylardan goraman, eýsem, imperiýanyň güýjüniň nyşanyna öwrüldi. 2700 ýylyň dowamynda diwaryň köp ýerleri ýykyldy we käbir bölekleri söküldi. Pekinden iki sagat uzaklykda ýerleşýän Mutýanýu sebitinde Hytaý diwarynyň doly göwrümini synlap, dag gerişlerine haýran galyp bilersiňiz.

Badaling Hytaý diwarynyň jahankeşdeler tarapyndan köp barylýan ösen infrastruktura bilen gurşalan iň meşhur bölegi. Bu ýerde köp muhmanlara hyzmat edip biljek myhmanhanalar, restoranlar we funikulýorlar bar. Şeýle hem XIV asyrdan bäri asyl görnüşinde saklanyp galan Symatai bölegi örän ähmiýetlidir. Onuň diwarlarynda hatda gurluşygyň başlanan senesini hem tapmak mümkin. Diwaryň ýene bir artykmaçlygy bu bölege agşam baryp bolýar.

3. Grand Kanýon, ABŞ

Все права защищены



Arizonadaky dünýäniň tebigy täsinligi, şol ýerde bolanyňyzda, siz hakyky amerikan ýol syýahatynyň ruhuny duýarsyňyz. Milli seýilgäh açyk howada gezmegi halamaýanlar üçinem täsirli bolar. Bu ýerde Kolorado derýasy millionlarça ýyl bäri ajaýyp peýzažy emele getiripdir.

Bu ýerde tutuş Ýeriň taryhyny duýýarsyňyz we içerde elmydama edilmeli bir zat bar – rafta gidip, kanýonyň gyrasyndan münüp ýa-da dikuçardan seredip bilersiňiz. Aýry-aýry lezzetli görnüşler birnäçe gözegçilik platformasydyr: olardan açylýan görnüş, günüň islendik wagty haýran galdyryjy.

4. Petra şäheri, Iordaniýa

Все права защищены



Bu häzirki Iordaniýa döwletine degişli gaýalardan oýulyp döredilen gadymy şäher. Bir wagtlar meşhur Ýüpek ýolundaky möhüm söwda nokady bolupdyr. Öň tarapy göni gülgüne gaýalara nagyşlanyp ýasalan binalar aýratyn täsin gözellige eýe. XII asyrda şäher düýbünden taşlanypdyr we diňe 20-nji asyrda arheologlar we ylmy-barlagçylar siwilizasiýanyň bu gizlin merjenini ýada saldylar.

Gezelenç gaty ygtybarly bolar: diňe pyýada, at arabalarynda, atlarda ýa-da eşeklerde aýlanyp bilersiňiz. Bu ýerdäki gurak howa sebäpli ähli binalar gowy saklanýar – meşhur el-Sik derwezesinden gireniňizde muny eýýäm görersiňiz. Jülgäniň girelgesinde esasy özüne çekiji ýer bolsa gaýanyň oýulyp, gurlan bölegi — Al-Hazne köşgidir. Bu ýer nabatlylaryň esasy hazyna saklaýan ýeridi. Ondan soň ullakan amfiteatr, patyşa aramgähleri we gündogar ertekisiniň syrly atmosferasy bar.

5. Wenesiýa, Italiýa

Все права защищены



Dünýädäki iň romantik ýerleriň biri suwuň üstünde gurlan Wenesiýa şäherdir. Alymlar köp ýyl bäri Wenesiýany suw basar diýip çaklaýarlar, ýöne beýle bolmaýar. Tramwaýlaryň ýerine suw gaýyklary bar, awtobuslaryň ýerine hakyky gondolalar bar: hatda uly kanalda hem ulag dyknyşygyna aralaşyp bilersiňiz.

Ägirt uly ybadathanaly Sankt-Marks meýdany diňe bir Wenesiýanyň däl, eýsem, tutuş Italiýanyň tanalýan ýeridir. Ajaýyp panorama, kepderiler we «dolce far niente» duýgusy (italýan dilinden – «hiç zat etmegiň süýjüligi»). Dožlar köşgi we beýleki palassolar az täsir galdyrmaýar. Bu şäher dynç alyşyňyzyň her minudyndan söýgi we lezzet almak üçin döredilen ýaly.

Makala ilki «Salamnews» saýtynda 23-nji iýunda çap edildi.

Все права защищены